# Emeli aňyň getirjek on üýtgeşmesi

Category: Kitapcy,Medisina,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Emeli aňyň getirjek on üýtgeşmesi DÜWNÜK BEJERGISINDEN ADAMZADY ÝOK ETMÄGE ÇENLI: EMELI AÑYÑ GETIRJEK ON ÜÝTGEŞMESI




*Emeli aňa goldanýan utopiýanyňmy ýa distopiýanyň bosagasynda durus?*
Dünýäniň emeli aň boýunça öňdebaryjy ylmy-barlagçylarynyň käbirleri ilkinji nobatda howpsuzlyk meselelerine gyssagly üns bermegiň gerekdigini öňe sürüp, emeli aň boýunça işleri wagtlaýyn togtatmaga çagyrýar. Tersine bolan ýagdaýynda netijeler adamzat üçin ýykgynçylykly bolup biler.
Beýlekileri bolsa ösüşde haýsydyr bir säginmekligiň praktika taýdan global möçberde amal edilmejekligi bilen bir hatarda adam ömrüni gowulandyryp we halas edip biljek ösüşleriňem önüne geçip biljekdigini aýdýar.
Häzirki ulanyşdaky emeli aň her gün görlüp ýören täze ýollar bilen jemgyýeti düýpgöter üýtgetme güýjüne eýe. Eýsem öňümizdäki ýyllarda nähili ösüş hasaba alnyp bilner? Ine, emeli aňyň dünýäni has gowy ýagdaýa getirip biljek bäş we munuň netijesinde gorkunç ýagdaýda ýalňyş ugra gönügip biljek bäş ýoly:



- **Işleri awtomatlaşdyrmak**

Tehnologiýa Senagat rewolýusiýasyndan bäri işleri awtomatlaşdyryp gelenem bolsa, mundan öñ bular ýaly möçberde bolmandy. Awtoulag sürüjilerinden başlap dublýorlardyr aýdymçylara çenli uludan-kiçi hemmä işini emeli aña aldyrma howpy abanýar.

«ChatGPT»-ni dörediji «OpenAI» tarapyndan ýakyn wagtda geçirilen barlagyñ netijesi otuzdan gowrak işiñ ýakyn geljekde awtomasiýa garşy kepillikdedigini görkezdi. Bu kärler häzirki işçi güýjüniñ ujypsyzja bölegini düzýänem bolsa, abatlaýjy ussalardan sportsmenlere çenli uzaýar.



*Sürüjisiz awtoulaglar taksi sürüjilerini gereksizleşdirip biler (AP)*

Täze-täze işler dörejegem bolsa, ilatyñ aglabasynyñ işsiz galmagy ähtimal. Bulam şu netijelere getirip biler:

**Utopiýa**: Robotlardan we olary işledýän şereketlerden alynan salgytlar bilen maliýeleşdirilen köptaraplaýyn esasy girdeji bilen ýaşaýan, boş wagta eýe täze synp emele gelýär.

**Distopiýa:** Köpçülikleýin işsizlik, işden çykarylan zawod-fabrikleriñ işçileriniñ ýerine geçen enjamlary bilgeşleýin döwmäge iterjek şekilde jemgyýetçilik ynjalyksyzlygyna sebäp

bolýar. Şugadar köp işiň howp astynda bolmagy we ummasyz uly baýlygyň gyradeň paýlanmaýandygy sebäpli ahyrynda jemgyýetçilik çöküşi bilen gutarmagyndan gorkulýar.



- **Ylmy açyşlar**

Emeli aň eýýämhäzirden uly ylmy ösüşlere goşandyny goşup, açyşlaryň edilmegi üçin gerekli möhleti geň galdyryjy möçberde tizleşdirýär.
Heniz bolmadyk millionlarça serişdäni oýlap tapmak, potensial derman molekulalaryny owalky soňky tehnologiýa tilsimlerinden müň esse çalt tapmak we äleme has gowy göz ýetirmegimizi gazanmak üçin ulanylýar. Ine, iň gowy we iň erbet netijeleri:
**Utopiýa**: Düwnük we adamyň ömrüni howp astyna salýan ähli keseller bejerilip, täze saglyk we hezillik eýýamyna gadam basyldy. Alymlar garramagy soňlandyrmak, hatda ony tersine öwürmegi maksat edinýän, uzak ömür sürmek bilen gyzyklanýan medisinada öňe gidişlikler gasanmak üçin şumatdan emeli aň serişdelerini ulanýar.
**Distopiýa**: Hut şolar ýaly emeli aň goldawly tehnologiýa düýbünden täze kesellleri we wiruslary döredip, bet niýetler üçin ulanylyp bilner. Bular bejergilere ýa-da bulary ösdürmek üçin gerekli tehnologiýa bilen üpjün edilmedik halklary ýok edip biljek biologiki ýaraglar hökmünde ulanylyp bilner.

- **Emeli aňly robotlar**

Emeli aňly beýinler ýerleşdirilen enjamlar adamlaryň fiziki taýdan baryp bilmejek ýerlerine gidip we adamyň oňarmajak işlerini edip biler.
Kislorod, iýmit ätiýajy we hatda çäkli ömür müddeti bolmadyk

akylly robotlar adamyñ janyny howp astyna salmazdan kosmos saparlaryna çykyp biler ýa-da howply ýumuşlary bitirip biler.



*«Boston Dynamics» kompaniýasynyñ öndüren robotlary eýýämden köp adamdan fiziki taýdan has ykjam ýumuşlary ýerine ýetirýär. (Boston Dynamics)*

Munuñ iki netijesi bolup biler:

**Utopiýa**: Emeli añly robotlar bizi köp planetaly jandara öwürmek üçin adamlaryñ älemiñ dürli ýerlerini aýlanyp görmegine we özleşdirmegine ýardam edýär. Munuñ özi adamzadyñ millionlarça ýyl, hatda uly ähtimallyk bilen Gündenem has uzak ýaşamagyny gazanyp biler.

**Distopiýa:** Emeli añ robotlary beýleki saýýaralarda, belki-de, Antarktidada ýa-da okeanlaryñ asty ýaly adam aýagy sekmedik ýerlerde öz jemgyýetlerini döredýär. Olaryñ siwilizasiýasy ösdügiçe, biziñki çagşap biler.

- **Kellesine emeli añ ýerleşdirilen adamlar**

Köp sanly synanşyk eýýämhäzirden kompýuterleri beýnimize oturtmagyñ ugrunda iş geçirýär, bulardan käbirleri görnetin ösen emeli añ bilen bäsdeşlik etmegimizi gazanmak üçin edilýär.



*Ilon Mask «Neuralink»-iñ çipiniñ ulanyjylara gönüden-göni saz ýaýlymy ýaly «ösen ukyplary» berjekdigini öñe sürýär (Neuralink)*

Ilon Maskyñ «Neuralink»-i tehnologiýany doñuzlarda we maýmynlarda synap görüp, olaryñ wideooýunlary oýnap bilmegini gazandy. Beýlekiler bolsa bu tehnologiýany añyñda aýlanýan pikirleri tekste öwürmek üçin ysmaz bolan adamlarda synap görmek üçin iş alup barýar. Ine, şeýle tehnologiýanyñ adam ömrüni nähili gowulandyryp ýa-da püçege çykaryp biljegi:

**Utopiýa**: Emeli añ beýin çipleri jemgyýet bolup aklyña-oýuña sygmajak tehnologik çaltlykda ösmegimizi üpjün edýär. Ol saglygy goraýyş ulgamyndaky ösüşler bilen birleşende täze adamdan soñky kiborg eýýamyna ýol arçap biler.

**Distopiýa**: Beýin-enjam interfeýs tehnologiýasy hemmeler tarapyndan ulanylmasa ýa-da oñlanylmasa, çaltlyk bilen emeli añ-effektiw we emeli añ-bökdençli ýaly iki gatlakly jemgyýetiñ döremegine getirip biler.




- **Emeli añ adam añyndan ozan ýagdaýynda**

Tehnologik singulýarlyk diýilýän zat kimi diñleýändigimize baglylykda birnäçe ýyl ýa-da birnäçe on ýyl aradaşlykda.

Ýönekeý emeli aň ýa-da super emeli aň iň pähim-paýhasly adamdan ozan ýagdaýynda ösüş tizligine eýermegimiz mümkin bolmaz we tehnogiki ösüş çygyrdan çykar hem-de yza dolap bolmajak ýagdaýa geler. Ine, munuň nähili netijelere getirip biljegi:

**Utopiýa**: Ähli zerurlyklarymyzyň we isleg-arzuwlarymyzyň emeli aň hyzmatkärleri we interfeýsler tarapyndan ýerine ýetirilýän, adaty iş we tabşyryklar hakda gaýgylanmazdan hakyky dünýäde hyjuwlarymyzyň yzyndan gitmegimize ýa-da Soma meňzeş (Oldos Hakslиniň «Gorkusyz täze dünýäsinde» halkyň ulanýan köşeşdiriji we şatlandyryjy psihotrop maddasy – t.b.) şatlykly ýagdaýda bolan şahsylaşdyrylan emeli jennete baglanmagymyza mümkinçilik berýän dünýäde ýaşaýarys.

**Distopiýa**: Tizara emeli aň bilen bir ýere sygyşmaýan jemendä öwrülýäris, tebigy çeşmeleriň üstüne gonan parazit hökmünde görülýäris we ýer ýüzünden syrylyp-süpürilip aýrylýarys.

Antoni KATBERTSON.
@ADCuthbertson

Anna, 12.05.2023 ý. Ylym we tehnologiýa